# Asymyñ nesli

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Asymyñ nesli ASYMYÑ NESLI

Gürrüñimi Erdogandan gozgamasam bolmaýar…
Ilki bir miniatýura ýazsam gowy bor:
Halkalynyñ maldarçylyk we ekerançylyk mekdebinde (Halkalı Baytar ve Ziraat Mektebi) milli şahyrymyz Mehmet Akifi täsirine salan alymlaryñ başynda bakteriologiýa mugallymy Ryfat Hüsametdin paşa bardy…
Mithat Jemal, bu täsiri şeýle ýazdy:
“Akifiñ mekdebe giren ýyly Parižiñ Dutot köçesinden Halkala türk hekimi geldi: Ryfat Hüsametdin. Ol mekdebe mikrop düşünjesini getirdi, ol bu täze ylmy **Pasteriñ** hut özünden (iki ýyllap) öwrenipdi. Akifiñ bu mugallymdan Pasteriñ diñe ylmyny öwrenmedi, onuñ uly feragatyny-da öwrendi. Şol sanda Paster hristiandy. Akif haçanda Pasteriñ suratyny görende «Bu ne ylahy ýüz» diýip, ony öperdi… Adam käte mekdebiñ däl-de, bir mugallymyñ elinden çykýar. Akifem mugallym Ryfat Hüsametdiniñ elinden çykdy…”
1916-njy ýylda Mehmet Akif Berline gitdi. Ol Berlinde otnositellik teoriýasy, madda we energiýa deñliği boýunça işlän Albert Eýnşteýniñ ylmy barlaglaryna gyzyklanma bildirdi, gyzykly maglumatlar edindi.
Yzyna dolananda ideal türk ýaşlary hökmünde simwollaşdyran Asymyñ neslinde “Safahat” eserinde seslendi:

*“‘Maddenin kudret-i zerriyesi’ uğraştığı iş,*
*O yaman kudrete hâkim olabilsem diyerek,*
*Sarf edip durmada birçok kafa binlerce emek,*
*Onu bir buldu mu, artık bu zemin: Başka zemin. (…)*

O çocuklarla beraber, gece gündüz, didinin;
Giden üç yüz senelik ilmi sık elden edinin
Fen diyârında sızan nâ-mütenâhî pınarı,

Hem için, hem getirin yurda o nâfi’ suları…”

Häzir Erdoganly gürrüñe ýeteris, ýöne bu miniatýura goşmak isleýän zadym bar:

■ **ÜÇ ÝÜZ ÝYLLYK BOŞLUK**

Şu hepdäniñ aýagynda… **Aleksander Aniýewas** bilen **Kerem Nişanjyoglunyñ** ýazan **“Günbataryñ gegemoniýasy nähili guruldy? Kapitalizmiñ geosyýasy kökleri”** atly ylmy kitabyny okadym.
Kitap öñden belli düşünjeleriñ tersine, kapitalizmiñ döreýşine tapawutly penjireden seredýär. Mysal üçin, Osmanly imperiýasynyñ täsirini-de öwrenýärler!
*“Irki modern Ýewropa agalyk edýän kadalar osmanlylar nazarda tutulmazdan bina edildi. Syýasat, ykdysadyýet, medeniýet ýa-da ideologiýa – haýsy ugurda bolsa bolsun, tapawudy ýok, kapitalistik modernleşmä, esasanam, belli bir derejede Ýewropa mahsus şahsy eksklýuziw üýtgeşme hökmünde düşünilipdir.”*
Ýazylma kemi galmandyr… Düşündirme kemi galmandyr…
“Eýse” diýýär awtorlar:
*«- Osmanly fetihleri-geosyýasy gysyşlary Ýewropa ýurtlarynda (başda Amerika-Atlantik yklymyna) täze ýer açma mejburyýetini döretdi.*
*– Osmanly bilen Habsburgyñ arasyndaky “super güýç” bäsdeşligi Angliýa, Germaniýa, Gollandiýa ýaly Ýewropanyñ demirgazyk-günbatar ýurtlarynda modern döwletiñ binýadyny tutmaga ýol açdy.*
*– Osmanlylar Ortaýer deñziniñ we Aziýa barýan söwda ýollaryñ üstünde global söwda setini gurup, söwdagärleriñ işleriniñ halkaralaşmagyna goşant goşdy.*
*Osmanly ýurtlaryndan gelýän çig mallar belli-başly tekstil önümlerinde Ýewropada önümçiligiñ ösmegini çaltlandyrdy.»*
Boldy, añlajaga şularam bes…
Ýeri… Ýewropanyñ kapitalistleşmegine şert döreden “super güýç” Osmanly nämüçin soñabaka yza galdy? Mehmet Akifiñ XX asyryñ başynda agzan “ýitirilen üç yüz ýyllyk” boşlugynyñ sebäpleri nämededi?
Muny soramagymyñ sebäbi bar:

Erdoganyñ täze «Ýewropa bileleşigine ýakynlaşma syýasaty!»

■ **MÖHÜM ÝYGNAK**

Şu hepdäniñ aýagynda…
Erdogan “Özümizi başga ýerlerde däl, Ýewropada görýäris. Gelejegimizi Ýewropa bilen bilelikde gurmagy arzuwlaýarys” diýdi…
Prezidentiñ wekili Ybraýym Kalyn Brýussele gidip, ÝB-niñ geñeşiniñ münberinden gygyrdy: “Türkiýe ÝB-ne agzalygy ilkinji strategik maksady hasaplaýar!”
Ybraýym Kalyna “Bize ýüz elli ýyllap modernleşme ady bilen özgeleriñ hekaýatlary aýdyldy. Indi öz hekaýalarymyzy ýazmagyñ wagty geldi” diýen sözüni ýatlatmagyñ hajaty barmy? Ýa-da onuñ kitabynda “çözüm ýoly” hökmünde görkezilen halyflyk hamhyýallygyny ýatladaýynmy? Ýok.
Serediñ:
10-11-nji dekabrda ÝB-de möhüm ýygnaklaryñ biri bolmagyna garaşylýar. Gündogar Ortaýer deñizinde alnyp barylýan işler bilen birlikde Türkiýe meselesi-de ara alnyp maslahatlaşylmaly!
AKP häkimiýetinde birdenkä güýjän «ÝB meýliniñ» sebäbi şu! A olaryñ mundan öñ ÝB-ne garşy aýdan «bir kamaz doly agyr sözlerine» näme boldy? Ýuwduldy. Çünki agyr ykdysady krizisimiz bar. Aýlanyp-dolanyp ýene şol diwara uruldyk…
Ýewropa çaltlyk bilen kapitalizm stadiýasyna gadam basýarka, Osmanly babatda
Avrupa hızla kapitalizm sürecine girerken Osmanlı’ya yönelik “bular nämüçin yza galdylar?” sowaly ýaşap ýören soñky 18 ýylymyz üçinem berilse dogry bolmazmy? Munuñ sebäbi hökmünde ýüzlerçe mysal görkezse bolar. Emma mysal üçin: pikir etdiler, «hemme ýeri «Ymam Hatyp» liseýlerinden doldursak, Asymyñ täze neslini dörederis!»
Eýse bugün: Asym aç, Asym işsiz, Asym gelejeginden howatyrly, Asym Günbatara gidip özüni halas etmegiñ kül-külünde, Asym ylmyñ duşmany…
Gury batyrgaýsyramalardan doly gündelik gep-gürrüñlerden el

çekip, düýpli çekişmeleri guramak gerek. Ýogsam şol bir säwlikleri gaýtalap, Ýewropanyň öňünde dyza çökmäge dowam ederis…

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 24.11.2020 ý. Publisistika